**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

# Rim hukugy

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi**
**tarapyndan hödürlenildi**

**Hukuk ylymlarynyň kandidaty, dosent A.Jumaýew**

**Aşgabat – 2010**

**A.Jumaýew**

# Rim hukugy

Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi

**Ylmy redaktor: dosent B.Marjikow**

**Aşgabat – 2010**

## MAZMUNY

**Tema: 1. Rim hukugy barada düşünje, onuň predmeti we ulgamy .......................................... 13**
Rim hukugynyň predmeti. Rimde emläkleýin hukuk gatnaşyklary. Jus civile, jus gentium, jus privatum, jus puplicum hukuklaryna düşünje. Olaryň döreýişleri we tapawutlary.
Rim hukugyndda imperatiw, disperatiw öwezini dolujy kadalar. Rim hukugynyň ulgamy, eýeçilik hukugy, zat hukugy, şertnamalar we beýleki borçnamalar, maşgala hukuk gatnaşyklary, miras hukugy we olaryň arasyndaky gatnaşyk.
Ýuristler üçin bu dersiň ähmiýeti. Rim hukugynyň beýleki hukuk gatnaşyklaryny öwrenmekde ähmiýeti.

**Tema: 2. Rim hukugynyň çeşmeleri......................... 18**
Rim hukugynyň çeşmeleri we onuň görnüşleri.
Hukuk kadalaryny emele getirmek.
Hukuk kadalaryny emele getirmegiň usullary we görnüşleri.
Rim hukugy – hukuga aň ýetirmegiň çeşmesi hökmünde.
Adaty hukuk we kanun. Ediktler, reskriptler, mandatlar we dekretler. Magistratlaryň ediktleri.
Edikt barada düşünje we olary emele getirýän instansiýalar.
Rim hukugynyň kodifikasiýasy,
Ýustiniýandan öňki kodifikasiýalar, Ýustinianyň kodifikasiýasy. Intitusiýa, digesta, kodeks nowella.

**Tema: 3. Talap we onuň görnüşleri........................23**
Döwelet kazyýetiniň döremegi.

Döwlet kazyýetiniň döremezinden öň hukuk bozujylar barada alnyp barylýan işleriň görnüşleri.
Zerur goranyş we onuň çäginden çykylmagy.ş
Raýat iş ýöredişiniň jus we judicum stadiýalaryna bölünmegi we olaryň häzirki kazyýet döwürlerinden tapawudy. Legisaksion, formulýar, ekstraordinar iş ýöredişleri (prosesleri ) barada umumy düşünje.
Talap barada we onuň görnüşleri.
Emläkleýin we şahsy tarap.
Analogiýa boýunça talap, jerime talaplary.
Talabyň möhleti, kanuny möhletler.

**Tema: 4. Taraplar.........................................................29**
Taraplar we hukuk ukyby barada düşünje.
Rim raýatlarynyň hukuk ýagdaýy.
Jus connubium (kanuny nika) we jus commercium (söwda) barada düşünje.
Aýallaryň we erkek adamlaryň kämillik ukyby.
Gullaryň hukuk ýagdaýy.
Rim hukugynda adamlaryň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän derejeler.
Hukuk taraplar.
Olaryň döreýşiniň we ýatyrylyşynyň esaslary.
Korporasiýanyň şereketden tapawudy.

**Tema: 5. Maşgala hukuk gatnaşyklary.....................35**
Agnatio (bilelikde hojalyk ýöredýän adamlaryň garyndaşlygy) we cognatio (ganybir garyndaşlyk) gatnaşyklary.
Nika baglaşmak üçin şertler. Nika baglaşmagyň tertibi we onuň görnüşleri.
Nikany ýatyrmak üçin esaslar.

Är-aýalyň arasyndaky emläkleýin we şahsy hukuk gatnaşyklary.
Ogullyga almak. Ene-atanyň kanunda göz öňünde tutulan borçlary.
Ene-ata tabyn çagalaryň emläk ýagdaýy.
Atanyň häkimýetini ýatyrmagyň esaslary.

**Tema: 6. Eýeçilik hukugy.........................................39**
Eýeçilik hukugynyň Rimde döremegi.
Dominium (mülkiýet) barada düşünje.
Bonitar eýeçiliginiň ýüze çykmagy.
Hususy eýeçiligiň obýekti bolmadyk zatlaryň sanawy.
Hususy eýeçiligiň mazmuny we ony kesgitleýän derejeler barada düşünje.
Hususy eýeçiligi edinmegiň tertibi we ony ýitirmek.
Zady gaýtadan işlemek. Eýeçiligi goramak.

**Tema: 7. Kesekiniň zadyna bolan hukuk barada düşünje..........................................................44**
Serwitutler (kesekiniň ýer uçastogyndan peýdalanmak hukugy).
Serwitutyň görnüşleri we olar barada düşünje.
Şahsy we predial serwitutlar.
Serwituty edinmegiň we ýitirmegiň tertibi.
Serwitutlary goramak.
Girew hukugy barada düşünje we onuň ähmiýeti.
Girewiň görnüşleri.

**Tema: 8. Borçlar barada düşünje we olaryň görnüşleri........................................................50**
Borçlar barada düşünje. Borçlary kesgitlemek.
Borçlaryň görnüşleri.
Bölünýän we bölünmeýän borçlar.

Alternatiw borçlar we facultas alternatiwa.
Notarial borçlar.
Borçlaryň döremegi üçin esaslar.
Zeleliň öwezini dolmak.

**Tema: 9. Şertnamalaryň görnüşleri..........................52**
Şertnamalara düşünje.
Şertnamalaryň mazmuny.
Werbal şertnamalar.
Real şertnamalar.
Litteral şertnamalar.
Konsensual şertnamalar.
Birtaraplaýyn we köptaraplaýyn şertnamalar.
Şertnamalaryň ýatyrylyşy.
Paktlara düşünje we paktlaryň bölünişi.
Goşmaça ylalaşyklar. Pacta adjecta. Pacta preatoria.
Legitum paktlar. Pacta legitima.

**Tema: 10. Miras hukugy............................................57**
Miras hukugy barada düşünje.
Wesýetnama boýunça miras.
Zerur miras hukugy.
Mirasy kabul etmek.
Miras baradaky talap.

Edebiýat...........................................................62

## Tema 1: Rim hukugyna düşünje. Onuň predmeti we ulgamy.

1. Rim hukugyna düşünje we onuň hukuk dersi hökmünde teswiri.
2. Rim hukugynyň predmeti.
3. Rim hukugynyň ulgamy.
4. Rim hukugynyň häzirki hukuk ulgamyndan tapawudy.

Edebiýatlar:

1. Osnowy rimskogo graždanskogo prawa. Pod redaksiýeý I.B. Nowiskogo. M.-1962.
2. Uçebnik po rimskomu prawu. M.-1997.
3. Gaý Konstitusiý 1-4-nji kitaplar. M.-1997
4. Istorii politiçeski i prawowyh uçeniý pod redaksiýeý W.S.Perşesýansa.M.-1983.

I. „Rim hukugy“- diýen adalganyň astynda (ius Romanarum, ius Romanum) Rim döwleti dörände (b.e.öň 753ý) tä imperator Ýustinianyň ölümine çenli (b.e.öň 565ý) dowam eden hukuk tertibine düşünilýär.

„Rim hukugy“- okuw dersiniň beýleki hukuk derslerinden 2sany aýratyn tapawutly aýratynlygy bar;

1) Rim hukugy dýwletiň hukuk ulgamynyň belli bir pudagyny (maşgala, raýat, jenaýat hukuklary we ş.m) öwrenmegi maksat edinmeýär-de, ders hökmünde tutuş bir döwletiň hukuk ulgamyny, onda-da doly XIII asyryň dowamynda onuň döreýşini, üýtgeýşini, hereket etmegini we bes etmegini, soňra b.e. XII-XIII asyrlarynda täzeden

dikelidilişi we biziň döwrümize çenli gelip ýetişini, ýagny onuň resepsiýasynyň döwürlerini öz içine alýar.

2) Rim hukugy hukuk pudagy hökmünde beýleki hukuk pudaklary ýaly, hereket edýän, „diri“ hukuk pudagy däl-de „öli“ hukuk pudagydyr. Ýagny Rim hukugy şol özüniň ilkibaşky, gadymy görnüşinde, bitewiligine hiç bir döwletiň hukuk ulgamynda hereket etmeýär.

Ýöne şu ýerde esasy bellemeli zat Rim hukugyny özleşdirmegiň, ony jikme-jik öwrenmegiň möhümligidir. Çünki Rim hukugy dersiniň edil beýleki hukuk dersleri ýaly, geljekki hukukçylaryň aňynda hukuk düşünjesiniň emele gelmeginde örän wajyp orny bardyr.

Biziň bilşimiz ýaly, dünýäde ençeme hukuk ulgamy gadymdan bäri hereket edýärler: Skandinaw hukuk ulgamy, Amerikan hukuk ulgamy, Anglo-sakson hukuk ulgamy, Romano-German hukuk ulgamlary mysal bolup bilerler.

Şu hukuk ulgamlaryň içinde-de Rim hukugy „öli“ hukuk ulgamyna garamazdan görnükli orny eýeleýär. Sebäbi ýeriň ýüzünde hiç bir hukuk ulgamynyň beýleki hukuk ulgamlaryndan Rim hukugy ýaly täsir edeni ýokdur.

Baryp X asyrdanam köp wagt mundan ozal Doktrinalary kanun derejesinde ykrar edilen hukukçy alymlar Gaý, Modestin, Ulpian, Pawel, Papinian tarapyndan oýlanyp tapylan, sünnälenip siwilistikanyň esasy kadalary häli häzire çenli hem öz aktuallygyny, durmuşylygyny ýitirmän gelýär.

Rim hukugy dersiniň predmeti gadymy Rim döwletinde bolup geçýän emläkleýin, nika we maşgala hem kazyýet önümçiligi bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr. Rim hukugy diýen adalga bilen esasan gul

eýeçilik döwründäki Rimiň hukuk ulgamy göz-öňünde tutulýar.

Gadymy Rimde hukuk bilen meşgullanmak ilki başda Pontifikleriň (ruhanylaryň aýratyn topary) işi bolupdyr. Her ýylda Pontifikleriň biri ýönekeý adamlara pontifikleriň toparynyň hukuk meseleleri barada garaýyşlaryny habar beripdir. Rowaýata görä dünýewi hukuk işiniň başlanmagy Gniý Flawiniň ady bilen baglydyr diýilýär. Ol döwlet işgäri pontifik Appiý Klawdiý Sekin erkinlige goýberilen gul ekeni. Ol prosesinde (legis aktiones) ulanylýan kanuny hukuk düzgünleriniň ýygyndysyny ogurlapdyr we „Flawiniň siwil hukugy“ ady bilen (ius civile Flawiano) cap edipdir. Şondan başlabam hukuk öňki ýaly „fak“ (hudaýlaryň hökümi) diýlende „ius“ häkimiýetleriniň hökümi diýilen düşünje manysynda ulanyp ugrapdyrlar.

Rim hukugy birnäçe hukuk pudakalary öz içine alýar:

1) Jus civile – ýagny kiwirit hukugy (Rimiň ilkinji raýatlary şeýle atalndyrypdyrlar. Gelmişeklere bolsa „peregrinler, latynlar“diýipdirler). Bu hukuk pudagy diňe rim raýatlarynyň arasyndaky jemgyýetçilik gatnaşyklary kadalaşdyrýar. Soňra döwletiň ulalmagy, çákleriniň giňelmegi bilen gadymy Rimde birnäçe hukuk pudaklary ýüze çykýar.

2) Ius gentium – halklaryň hukugy. Diňe rimlileriň däl, eýsem beýleki halklaryň wekilleriniň arsynda-da ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklary kadalaşdyrypdyr.

3) Ius privatorum – hususy hukuk. Ýagny adamlaryň arasyndaky hususy, emläk gatnaşyklaryny kadalaşdyrypdyr.

4) Ius populy ýa-da ius publikum – ählihalk ýa-da umumy halk hukugy. Ýagny Rim döwletiniň ýagdaýlaryny kesgitläpdir.

5) Ius proetorium – pretor hukugy. Ýagny, şäher häkiminiň (başgaça kazy hem diýilýär) hukugy. Häzirki zaman raýat we jenaýat prosessual hukuklarynyň jemi.

6) Ius naturale – tebigy hukuk. Ýagny adamlaryň tebigat tarapyndan berilen hukuklaryny kesgitläpdir.

7) Ius abractium – hyýaly hukuk. Ýagny, ol özünde (aequum ius) adaaltly hukuk hakyndaky düşünjeleri jemläpdir.

III. Rim hukugynyň ulgamy; rim hukugynyň predmetini we ulgamyny teswirleýän düşünjeleri, rim hukugynyň çeşmelerini, talaplar, taraplar, maşgala, emläk hukuk gatnaşyklaryny, borçnamalaýyn hukugy, borçnamanyň dürli görnüşini, miras hukugy şahasyny, iş ýöredişleriň görnüşlerini özünde jemleýär. Ýagny şu ýokarda agzalanlar we ýene-de birnäçe hukuk düzüm bölekleri Rim hukugynyň ulgamyny emle getirýärler.

IV. Rim hukugynda ylmy adalgalar işenip düzülipdir. Ol umumy hukuk adalasyna öwrülipdir. Şoňa görä-de geljekki hukukçylar Rim hukugynyň üsti bilen hukuk dilini öwrenerler we esasy hukuk adalgalaryny, esasy hukuk şahalaryny özleşdirerler.

Rim hukugy häzirki zaman hukuk ulgamlaryndan tapawutlylykda ol hyýalda tapylan hukuk çözgütlerine netijelerine däl-de gündelik durmuşdan alnan aýratyn

wakalara, ýagadaýlara esaslanýar. Rim hukugyna, alymlar ýöne ýerden „ýazylan paýhas“ diýýän däldirler. Çünki rim hukugynyň mysalynda nädip bir bitewi syýasy we hukuk tertibini gurup bolýandygyny yzarlamak mümkin.

## Tema 2. Rim hukugynyň çeşmeleri.

1. Rim hukugynyň çeşmeleri barada düşünje.
2. Adaty hukuk we kanun.
3. Magistratlaryň ediktleri.
4. Rim hukugynyň kodifikasiaýsy.

Edebiýatlar:

Digesti Ýustiniana 1948ý. Moskwa.

Gaý konstitusiýa 1997. Moskwa.

**1.** Rimiň döwlet-hukuk taryhynyň ähli wakalary birmeňzeş düşündirilmeýär we suratlandyrylmaýar. Munuň esasy sebäbi bolsa Rim döwleti we hukugy baradaky çeşmeleriň biçak köplügidir we dürli-dürliligidir.

Rimiň iň gadymy zamanaasy barada örän seýrek, gazylyp alnan tapyndylar we golýazmalar bar. Ýöne olaryň hakykatdygy juda şübheli bolup durýar. Çeşmeleriň hataryna soňky taryhçy däp-dessurlaryň işlerinde saklanyp galan rowaýatlardyr – hekaýatlary goşýarlar.

Rim taryhynyň has giçki döwürleri hakynda maglumatlar bolsa biçak köpdür. Olary şu aşakdaky toparlara bölüp bolar:

1) Hukuk kadalaryny özünde saklaýan ýadygärlikler (12 tablisa kanuny, Teodisiniň, Germagoniýanyň , Ýustinianyň kodeksleri we beýleki Rim kanunlary).

2) Hukugyň kadalarynyň emele gelişiniň görnüşi, usuly bolup çykyş eden Rim döwletiniň kadanamalary (Senetus konsullar, Prinsipalyň kontitusiýlary,

Magistrtlaryň ediktleri, Pretorlaryň buýruklary we formalary, halk ýygnagynyň, tribunalaryň kararalary).

3) Hukuga akyl ýetirmek üçin ýazylan alymlaryň işleri (Tit Liwiý b.e.öň I a.), Tasit (b.e.öň I-II a.), Awla, Gellin, Warron (b.e.öň II a.), Gaýyň, Papinianyň, Pawlowyň, Modestiniň, Wepianyň işleri (b.e.öň I-III a.).

4) Rim dilewarlarynyň (oratorlarynyň) ýazgylary. (Mark Tulliý, Siseron b.e.öň 102- 43ý.)

5) Filosoflaryň ýazgylary. (Anneý Seneka b.e. 3-65ý, Epiktet b.e. 50- 138ý, Mark Awreliý Antonin 121-180ý.)

6) Daşlarda, agaçlarda, bürünç gurallaryň, ýaraglaryň, heýkelleriň ýüzlerinde, diwarlarda galan ýazgylar. (Gadymy Rimiň harabalary, Pompeý şäheriniň galyndylary ).

**2.** Rim hukukçysy Ýustinian öz işläp düzen hukuk nazaryýetinde kanunlary iki görnüşe bölýär. Ýazylan kanun we ýazylmadyk kanun. Onuň düşündirilişi boýunça ýazylmadyk kanuny - durmuşda öz-özünden döreýän kadalar(adatlar, däp-dessurlar) emele getirýärler. Ýazylan kanun bolsa – bu häkimiýet edaralary tarapyndan kabul edilýän we ýazylan, çap edilen görnüşde beýan edilýän kadalardan emele gelýändir.

Rim döwletinde ilkibada döwlet öz çäkleriniň bir şäheriň, Lasiumyň çygryny içine alýandygyny we raýatlarynyň hem az sanlydygy sebäpli däp-dessurlar, adat hukugy esasynda dolandyrylypdyr. Ýöne jemgyýetiň hem-de jemgyýetçilik gatnaşykarynyň ösmegi, çylşyrymlaşmagy zerarly adat hukugy döwletiň dolandyryş işinde doly düzgün-tertibi üpjün etmek mümkinçiliginden mahrum

bolýar. Şeýle-de Sulla, Gaý Maria ýaly diktatorlaryň, soňra Sezar, Antoniý, Awgust ýaly prinsipallaryň (imperatorlaryň) döwletdeöz häkimiýetlarini berkitmek maksady bilen ýörüte kanunlar (konstitusialar) çykaryp başlamagy hem adat hukugynyň hemmetaraplaýyn gysylmagyna we halk köpçüligi tarapyndan ýuwaş-ýuwaşdan unudylmagyna getiripdir.

Däp-dessurlar her bir taýpada, tirede aýratyn bolupdyr. Rimiň patyşa tarapyndan dolandyrylan zamanasynda eýýäm ähli patriýalar (taýpalar), familiýalar(maşgalalar) üçin ähliumumy kanun çykarylyp başlanýar. Kanunçylyk, respublika döwründe senatyň elinde bolýar. Imperiýa geçilenden soňra bolsa eýýäm rim hukukçylarynyň „prinsipalyň erki kanun“ diýen düşünjäniň döwri gelipdir. Ol erkiň öňünde-de hemme Rim raýatlary (petrisialaram, plebeýlerem, peregrinlerem, libertinlerem, gullardyr-kolonlaram ) boýun egmeli bolupdyrlar.

Imperatoryň çykarýan esasy kadanamalary şu aşaldakylardan ybaratdyr;

1. Ediktler- umumy buýruklar, ygtyýarnamalar;
2. Reskriptler – aýratyn işler boýunça görkezme;
3. Mandatlar – gözükdirmeler;
4. Dekretler - aýratyn işler boýunça görkezme;

Rim döwletinde kabul edilen wajyp kanunlaryň käbirlerini mysal hökmünde getirip bolar;

1) B.e.öň 326 ýyl. bergisini bermedik bergidarlary öldürmek, gul edip satmagy gadagan edýän Peteliýanyň kanuny;

2) B.e.öň III a başga biriniň emlägini zaýalandygy ýa-da ýok edenligi üçinjogapkärçilik belleýän Akwiniň kanuny;

**3**. Rim hukugynyň çeşmesi hökmünde magistratlaryň (şäher häkimlikleri) edikteleri hem çykyş edýär. Edikt – sözi latynça „dico“ – „geplemek, gepleýän“diýen manyny aňladýar. Haktyaktdan-da ediktler bu- ilki başdan magistratlaryň belli bir iş boýunça dilden aýdýan kesgitlemelerini aqladypdyr.

Magistratalryň edikteleri esasan pretorlaryň çykyşlaryny öz içine alýar. Pretor – rim raýatlarynyň we peregrinleriň arasyndaky we peregrinler we rim rapatlarynyň arasyndaky işlere seredip, çözgüt we görkezme çykarýar. Şolar hem edikt diýlip rim hukugynyň çeşmesi hökmünde hyzmat edýär. Pretorlardan başga magistratlarda ediller diýen wezipeli adamlar bolup, käbir işler bouýnça ediktler çykarmaga hukuklary bolupdyr. Edill – bu easan söwda işleri boýunça raýat iş ýöredişini amala aşyrýan adam. Olar öz ediktlerinde haýsy ýagdaýda talap bildirmäge hukuk mümkinçiligi bar, haýsy ýagdaýda ýok diýen düşündirişleri berýärler. Ediktler häzirki kanunlardan tapawutlylykda belli bir çäk üçin, bellibir wagtyň dowamynda hereket edýär. Olar ähliumumy däl, bellibir magistrata degişli bolupdyrlar.

**4** Rim döwletiniň döwürlerinde kanunlaryň köplügi we dürli häsiýetliligi sebäpli döwletiň öňünde kanunlary ulgamlaşdyrmak, belli bir tertibe salmak ýa-da başgaça aýdanyňda kanunlaşdyrmak (kadefisirlemek) meselesi ýüze çykýar. Bu meseläň ilkinji gezek III-IV asyrda çözmeklige gözükdirilýär. (Germegoniýanyň kodeksi). V asyryň birinji

ýarymynda imperator Teodisi tarapyndan ilkinji gezek imperatorlaryň kanunlaryny özlerinde jemleýän kodeks döredilýär. Adyna hem „Teodisiniň Nowellalary“ diýlipdir. Vasyrda Rim imperiýasy germanlar tarpyndan dargadylýar. Günbatar böleginde Westýut, Ostýut, Buguniýa korollyklary döreýär. Olryň her haýsy üçin hem aýratyn kodeksler taýýarlanylýar. Rim hukugynyň tarhynda esasy orny X asyrda gündogar Rim imperiýasynyň Wizantiýanyň imperatory Ýustinian tarapyndan düzülen kodeks tutýar.

Ýustiniýanyň buýrugy bilen belli hukukçy Tribonian, imperatoryň kitaphanasynyň başlygy hem-de Konstantinopol hukuk mekdebiniň profesory Feofil ýörite topar düzüp, 528-nji ýylda işşläp başlaýaralar. Bir ýyldan soň işlerini tamamlaýarlar. Soňra 530-njy ýyla çenli işler täzeden ýaýbaňlaşdyrylyp 50 kitapdan ybarat Digesta ýa-da Pandektler çykarylýar. Ondan soň imperator Ýustiniýanyň täze kanunlar ýygyndysy „Nowella“ ady bilen çykarylýar. Nowellanyň kodeksiň, Digestanyň we şol döwürde Doktrinalary kanun derejesinde görülen Gaýyň institusiýalarynyň jemine bolsa „corpus iuris civilis“- raýat hukugynyň binýady diýlip at berilipdir.

## Tema:3 Talap we onuň görnüşleri.

1. Rimiň kazyýet ulgamy hakda we kazyýet önümçiligi hakynda düşünje.
2. Talaplaryň görnüşleri.
3. Hak isleg möhleti

Edebiýatlar:

Osnowy rimskogo graždanskogo prawa. Pod redaksiýeý I.B. Nowiskogo. M.-1962.

Rim halky hem ilki badalar beýleki halklar ýaly, döwlet kazyýetiniň döremezinden ozal hukuk bozujylar bilen özbaşdak haklaşmak möhletini başdan geçiripdir. Öz hukugy hukuga garşy bozulandyr öýden her bir adam öz göwnüne degen bilen özüniň we maşgalasynyň güýji bilen hasaplaşypdyr. Özbaşdak hasaplaşykdan döwlet kazyýetine geçmeklik ýuwaş-ýuwaşdan amala aşyrylypdyr. Ol şu aşakadaky döwürler boýunça emele gelipdir.

1. Günäkär babatda zorluk ulanmagy kesgitli tertipleşdirmek bilen özbaşdak haklşygyň däp-dessur ulgamyny döretmek;
2. Hun tölemek ulgamyny döretmek;
3. Hukuklary goralmagy döwlet edaraalryna tabşylyp başlanmagy;

Ýöne ösen Rim hukugynda özbaşdak haklaşygyň käbir alamatalary galypdyr.

Özüňi goramak hukugy. „Vim vi repellere licet“(zulumy güýç bilen serpikdirmäge rugsat berilýär.) rim hukugynyň ösen zamanasynda Rimiň kazyýet ulgamy 2 bölege bölünipdir.

Iudicia publica (döwlet bähbitlerini goramak boýunça kazyýetler. Jemagat kazyýetleri)

Iudicia private (raýatlaryň şahsy hukularyny goramak boýunça kazyýetler)

Rimde kazyýet önümçiliginiň iki döwri bolupdyr.

Ius-jedelli çözgüt çykarylmaga taýýarlanylýar.

Iudicium-çözgüt çykarmak amala aşyrylýar.

Rimiň raýat prosesi legisaksion ady bilen respublika (rec-emläk, zat, populi-halk, köpçilik halkyň emlägi diýen manyny beripdir) döwründe belli bolupdyr. Gaýyň insitusiýalarynda legisactio iki manyda düşündirlipdir. Ýagny ol kanuny talap diýmegi aňladyp, talapçynyň talaby haýsam bolsa şol wagt hereket edýän kanunyň sözleri (teksti) bilen sözme-söz gabat gelmeli eken. Ikinji ýagdaýynda bolsa taraplar kazyýet magistraturasyna bellenilen däp-dessurlary gyşarnyksyz saklap, ýörite jümleleri ýatdan, sözme söz aýtmaly bolupdyrlar.

Legisaksion prosesi birnäçe hereketden (döwürden, basgançakdan) ybarat bolupdyr. Rim respublikasynyň soňky döwürlerinde Rimiň hojalyk durmuşynda köp üýtgeşmeler amala aşýar. Söwda gatnaşyklary çylşyrymlaşýar. Onsoň şoňa göräde Rimiň raýat

1. Intentio (intensiýa)

lus - jedelli çözgüt çykarylmaga taýýarlanylýar. (in iure) Iudicium-çözgüt çykarmak amala aşyrylýar. (in iudicio)

Rimiň raýat prosesi legisaksion ady bilen respublika (rec-emläk, zat, populi-halk, köpçülik, halkyň emlägi diýen manyny beripdir) döwründe belli bolupdyr. Gaýyň

institusiýalarynda lg age, legisactio iki manyda düşundirilipdi.

Ýagny ol kanuny talap diýmegi aňladyp, talapçynyň talaby haýsam bolsa şol wagt hereket edýän kanunyň sözleri (teksti) bilen sözme-söz gabat gelmeli ekeni.

Ikinji ýagdaýynda bolsa taraplar kazyýet magistraturasyna bellenilen däp-dessurlary gyşarnyksyz saklap, ýörüte jümleleri ýatdan, sözme söz aýtmaly bolupdyrlar.

Legisaksion prosesi birnäçe hereketden (döwürden, basgançakdan) ybarat bolupdyr.

Rim respublikasynyň soňky döwürlerinde Rimiň hojalyk durmuşynda köp üýtgeşmeler amala aşýar. Söwda gatnaşyklary çylşyrymlaşýar. Onsoň şoňa görä-de **rimiň** raýat prosesinde-de prosesiň täze görnüşi peýda bolýar.

Formulýar prosesi

Pretor öz häkimlik ygtyýarlaryndan peýdalanyp, talap arzalaryň täze formulasyny (düzümini) berip ugraýar. Formulýar prosesi birnäçe bölekden durýar.

1 intentio (intensiýa)-onda talapçynyň närazylygynyň mazmuny görkezilýär.

2.Condemnatio (kondemnasiýa)-kaza eger-de talapçynyň talaby dogry bolsa ony kanagatladyrmak teklip edilýär.

3.Demonstratio (demonstrasiýa)-jedelli gatnaşygyň suratlandyrylmasy.

Ýene-de birnäçe goşmaça bölümleri bolupdyr. Eksepsiýa. Preskripsiýa, adiudikasiýa, Edil legisaksion prosesde bolşy ýaly formulýar çykarylýan **çözgüt** şikaýat etmäge degişli bolmandyr.

**ekstra** ordinalar **prosesi**

Entek rim respublikan gurluşy synyp, onuň ýerine monarhiýa geçmänkä-de, kadaly raýat prosesi bilen bir hatarda şäher häkimligi tarapyndan raýatlaryň işleriniň kazyýete berilmän çözülýan gezekleri iki-ýeke duş gelip başlapdyr.

Biziň eramyzyň III asyrynyň ahyrynda çaklendirilmedik Patyşa häkimligine doly geçilmegi bilen extra ordinem (aýratyn, ýörüte tertip) prosesi has ýörgünli bolupdyr. Sebäbi imperator häkimiýeti saýlanan kazylara ynanman, işleri ýekelikde çözenlerini kem görmändirler.

Bu prosesde kazyýet ygtyýarlyklary dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylypdyr. Mejbur ediş çäreleri hem giňden ulanylypdyr.

Rimde **we** Konstantinopolda kazyýet ygtyýarlyklary praefectus urbi (polisiýanyň başlygynyň) elinde bolupdyr. Yöne imperatoryň hut özüne onuň üstünden şikaýat etmäge rugsat berilipdir.

2)Rim hukugynda talaplar action diýip atlandyrylypdyr. Özi-de rim hukugynda esasy möhüm zat talaby özi däl-de şol talaby bermäge, ýagny, kazyýet goragyna şäher häkimi rugsat berýandigi ýa-da bermeýändigi bolupdyr.

Rim hukugynda talaplaryň dürli görnüşleri bolupdyr. Mysal hökmünde olaryň içinden käbirlerini getirmek bolar. Actio in rem (emläkleýin talap) - bu talap hukuçy Paweliň aýtmagyna görä "bir tarapdan emläge eýeçilik hukugyny goramak talaby, bolsa beýleki tarapdan ol şol emläk babatda haýsydyr bir hereketleri etmegi ýa-da etmekden saklanmagy talap etmek mümkinçiligini aňladýar.

Actio in rem adalgasy talap boýunça kimde emläk bolsa, kim şol emläge bikanun kast edýän bolsa şol jogap berýändigini görkezýär. Häzirki döwür adalgaýetinde bu absolýut gorag diýlip atlandyrylýar.

"Actio in rem"-den tapawutlylykda action in personam iki ýa-da birnäçe takyk şahslaryň arasyndaky şahsy gatnaşyklary goramak üçin berilýär. Şonun uçinem bu talap şahsy talap (action in personam) adyny göterýär. Häzirki döwür adalgaýetinde ol otnositel gorag diýlip atlandyrylýar.

Talaplaryň ýene-de bir möhüm gömüşi: action stricti bonae Sidei (ýagşy niýetiň, ýa-da meýletin niýetiň talaby).

Şeýlede kanunyň harpyny (manysyny, sözlerini) üýtgetmesiz hukuk döredijiligiň serişdeleriniň biri hökmünde action utilis (analogiýa (meňzeşlik) boýunça talap) çykyş edipdir.

Actio ficticia (fiksiýa (ýalan) bilen talap) bolsa haçan-da şäher häkimi kanun tarapyndan göz öňünde tutulan goragy, kanunyň kesgitlemedik gatnaşygy babatda ulanmakçy bolanda beriipdir.

Actions rei perseeutoiae- bu talap emläkleýin hukuklaryň bozulan ýagdaýynda dikeldilmegi baradaky jerime  talaplary bolupdyr.

Şeýle-de ýörüte bölümi condictione (kandiksiýalar) düzüpdir. Kondiksiýalaryň talaplardan tapawudy, olar "hyýaly (abstract) talaplar" diýlip atlandyrylypdyr.

Talaplaryň şu görnüşlerinden başga pretorlar ýene-de ýörüte gorag serişdelerini hem ulanmaga beripdirler.

Interdiktler (gadagan etmeler)

Restitutio in integrum (bozulan hukuklary öňki ýagdaýyna dikeltmek)

3).Diňe b.e. V asyrynda rim hukugynda hak isleg möhleti diýen düşünje öz hakyky manysynda peýda bolýar.

Hak isleg möhteti näme?!

Saparmyrat Türmenbaşynyň Türkmenistanyň Graždan kodeksiniň 147-nji maddasyna laýyklykda "Başga bir şahsdan haýsy-da bolsa bir hereketi etmegi ýa-da şol hereketi etmekden saklanmagy talap etmek hukugy. (iberilýän, çäklendirilen wagt bölegidir.)

Rim hukugynda hak islegiň umumy möhleti 30 ýyl diýip kesgilenilipdir. Bu möhleti hasaplap başlamak hak isleýiş barada talabyň bildirilen pursatyndan başlanypdyr.

Şeýle-de rim hukugynda hak isleg möhletiniň arasyny kesip, täzeden başlamaklyk ýa-da möhletiň yzyny dowam etmeklik hukugynda dürli kadalar işlenilip düzülipdir.

## Tema: 4 Taraplar

1 Taraplar,we olaryň hukuk ukyplylygy barada düşünje

2.Rim raýatlarynyň, latynlaryň, preginleriň gullaryň, libertinleriň, kolanlaryň hukuk ýagdaýlay.

3.Hukuk şahslary.

**Edebiýatlar:**

"Osnowy rimskogo graždanskogo prawa". B.Nowiskogo Moskwa 1962 ý.

Gosudarstwo i prawo Drewnego Rima Ýu.M.Birýukow 1969 ý.

Digesty Ýustiniana I.S.Pereterskiý 1956 ý. Gostýurizdat Moskwa. '

l. Gul eýeçilik jemgyýeti persona - hukuklary ukyply jandar diýip bir adamy hasaplamandylar. Ýagny ol jemgyýetde hukuk hojaýyny bolmak adamyň dogabitdi mahsuslygy däl-de, onuň ýaşaýan jemgyýetine we ykdysady ýagdaýyna baglydygy hakyndaky nazarýet hasam aýdyň subut edilipdir.

Rimde adamlaryň köp dürli synplary bolupdyr. Gullar hukugyň subýekti däl-de onuň obýekti bolupdyrlar. Olara instrumentum vocale - gepleýän gural diýipdirler.

Hazirki döwürde hukuk ukyplylygy diýlip atlandyrylýan ýagdaýy Rimde caput (kaput) diýen adalga bilen aňladylypdyrlar.

Hukuk ukyplylygynyň dolulygy esasy üç sany status (ýagdaýyndan emele gelipdir).

1. Status libertatis - erkinlik ýagdaýy

2.Status civitatis - raýatlyk ýagdaýy.

3.Status familial - maşgalalyk ýagdaýy.

Status libertatis nukdaý nazary boýunça erkin adamlary we gullary tapawutlandyrylypdyr.

Status civitatis nukdaý nazary boýunça rim raýatlaryny we beýleki erkin şahslary (latynlar, peregrinler), status familial boýunça özbaşdak (sui iuris) maşgalabaşylar (patres familias) we maşgalabaşa tabynlar (alini iuris "keseki hukugynyň" şahslary)

2.Rim ravatlarvnvň hukuk ýagdaýy.

Rim raýatlygyna üç ýol bilen eýe bolmak mümkin ekeni.

l.Rim raýatlarynyň kanuny nikasyndan emele gelen maşgalada dogulmakdan. 2.Gulçulykdan erkinlig goýberilmekden.

3.Daşary ýurtlaryň rim raýatlygynyň bagyşlanmagyndan.

Rim raýatlygy 2 esasda ýatyrylypdyr.

l.ölümzerarly

2.Agyr jenaýat üçin jezalandyrylanda.

Ýustinian döwründe capitus deminutio maxima diýlip atlandyrylypdyr.

Eger-de rim raýaty ýesir düşüp ýa-da ýitip birnäçe ýyldan son gelse ol ähli hukuklarynda dikeldilipdir. Bu hereket ius postliminii diýip atlandyrylypdyr.

Rim raýatlarynyň hukuk ukyplylygy hususy hukugyň çäginde esasy iki düzüm böleginden (elementden) emele gelipdir. Ius conubii- kanuny nikany baglaşmak hukugy.

Ius commercii - söwda etmäge, emläge, geleşik baglaşmaga bolan hukuk. Resmi taýdan deňhukuklylyk

yglan edilen bolsa-da Rim jemgyýetiniň gatlaklarynyň arasynda hakykat ýüzünde deňhukuklylyk bolmandyr.

Senatorlar, nobilitetler (bay plebeýler), atlylar), harby gatlak, şäher dekurionlary we kuriallary, söwdagärler, senetçiler we daýhanlar öz eýeleýän jemgyýetçilik hem emläk ýagdaýlaryna laýyklykda hukuklary bolupdyr.

Meselem: senator bilen erkinlige goýberilen gyrnagyň arasynda nika gadagan ekeni.

Salgytlar hem her gatlaga dürli-dürli salnypdyr.

**Latynlaryň we peregrinleriň hukuk ýagdaýy.**

Ilkibada latynlar diýip b. Ill asyryna çenli latyn raýatlygyny alan Sasiumyň ýaşaýjylaryna aýdypdyrlar.

Latynlaryň hukuk ýagdaýy emläkleýin hukukda rim raýatlarynyňkydan kän bir tapawutly bolmandyr.

Olarda sähel çäklendiriln ius conubii bolupdyr, ius commercii we raýat prosesinde çykyş etmäge hukuklar (ius legisaktionis) hem olara berlipdir.

Şeýle-de latynlara aňsatlyk bilen rim raýatlygyny kabul etmäge rugsat berilipdir.

Peregrinler diýip Rim raýatlygynda duryan ýa-da durmaýan, rim ýa-da latyn hukuk ukyplylygyny kabul etmedik keseki ýerliler atlandyrylypdyrlar.

Olar ius gentium (halklaryň hukugy) boýunça hukuk ukyply hasap edilipdir.

Ill asyryň başynda impato Karakalla Rim döwletiniň tabynly**gy**ndaky hemme adamlara rim raýatlygyny bagyş edipdir.

**Gullaryň hukuk yagdaýy.**

Iň gadymy döwründen tä Rim döwleti dargap gidýänça rim jemgyýeti gul eýeçilik jemgyýeti bolupdyr. Rim taryhynyň dürli döwürlerinde gullaryň durmuş derejesi birmeňzeş bolmandyr. Iň gadymy döwürde, heniz olaryň sany köp dälkä, gullar maşgalanyň beýleki agzalary bilen bir ýerde zähmet çekipdirler we ýaşapdyrlar.

Ýöne basyp alyşlaryň üstünlikli amala aşmagy bilen gullaryň sany artypdyr. Soňa baka bolsa gullar "tutuş rim önümçiliginiň esasyna" öwrülipdir.

Olaryň hukuk ýagdaýy şeýle kesgitlenipdir.

Gul- hukugyň subýekti däl. 0l hojalykda has möhüm, has zerur gurallaryň biri. Edil, (iş maly ýa-da ýere goşundy gural ýaly).

Hojaýyn guly satyp, öldürip umuman name edesi gelse edip bilipdir.

Gul nikalaşyp bilmändir. Onuň nikasy kanuny diýip kabul edilmändir. Ýöne gul eýelerine peýdaly bolan halatynda gula hukugyň käbir düşnügi berlipdir. Meselem: Pekuliý.

Pekuliý "pecos" (mal) diýen sözden gelip çykyp, hojaýynyň guluna ýer iş maly bolup bermegini aňladýar.

Gulçylyga şu aşakdaky ususllar boýunça düşüpdirler:

l.Gyrnakdan dünýä inmekden (eger çaganyň ejesi erkin bolsa ol erkin adam hasaplanypdyr).

2.Ýesir düşmekden

3. GuIçylyga satylmakdan

4.Ölüm jezasyna ýa-da ýerasty känlerde işlemäge hokum edilip

Gulçylyk ýa ölüm bilen tamamlanypdyr ýa-da manumissiýa (erkinlige goýbermek)

esasynda boşatmaklyk bilen tamamlanylypdyr.

**Erkinlige goyberilenleriň (liberitinleriň hukuk ýagdaýy)**

Nusgawy rim hukugynda libertiniň hukuk ýagdaýy ony kimiň erkinlige goýberendigine bagly bolupdyr. Eger ony kwirit goýberen bolsa onda ol doly hukukly rim raýatyna öwrülipdir.

Eger-de ony goýberen adamyň eýeçilik hukugy siwil hukugyna, däl-de, pretor hukugyna (pretor diktin) bagly bolsa onda ol latyn raýatlygyna kabul edilipdi. Ýustinianda bu tapawutlar aýrylypdyr.

Ýöne erkinlik alsa-da libertine ingus (erkin doglan) bilen deň adam hasaplanmandyr.

Hususy hukukda libertinler babatda çäklendirilme bar ekeni. Şeýle-de ol öňki patronyna (hojaýynyna) gören ýerinde üýetgşik sylag-hormat etmeli bolupdyr. Ýogsa onuň gadyr bilmzligi üçin ony ýene-de gulçylyga gaýtaryp bilipdiler.

Şeýle-de öňki patrony libertiniň çäkli mirasdary bolupdyr we ondan aliment talap etmäge hukugy bolupdyr. Onsoňam patronyň bu hukuklary onuň çagalaryna-da gecipdir.

**Kolonlaryň hukuk ýagdaýy.**

Kolon diýip nusgawy döwründe (klassiki epoha) ownuk karendeçi göz öňünde tutulypdyr. Resmi taýdan erkin bolsa-da ol ykdysady taýdan mülkdara garaşly bolupdyr.

Kolonlaryň dörap başlamagy gul eýeçilik jemgyýetçilik gurluşynyň ýuwaş-ýuwaşdan dargap,

feodalizm jemgyýetiniň emele gelmegine tarap ädilen ilkinji ädim bolupdyr.

3 .Hukuk şahslary.

Rim hukukçylary, hukuk şahslary diýen düşünjäni ýörüte hukuk subýekti hökmünde ulanylýan adalga derejesinde doly işläp düzmändirler.

Ýöne ol döwürlerde hukuk şahslarynyň emele gelmegine getir gatnaşyklar beýle bir kämilleşmeseler-de eýýäm XII tabilsa kanunlarynda dini hasiyetli dürli hususy korporasiýalar (çollegia, sodaliçia), senetçileriň hünärmentçilik birleşikleri barada agzalyp geçilipdir.

Şol mahallar hukukçylar käbir ýagdaýlarda emlägiň bir adama däl-de birnäçe adama degişli bolýandygyna üns berip ugrapdyrlar.

Meselem: rim hukukçysy Marsian teatrlaryň, oýun sahnalarynyň we ş.m. emläkleriniň bir adama däl-de bir birleşige degişli bolup -durýandygyny, şol birleşigiň agzalarynyň hiç biriniň ýekelikde ol emläge erk edip bilmeýändigini belläpdir.

Rim hukugynda "hukuk şahsy" diýen adalga bolmandyr. Dürli guramalary aňlatmak üçin bolsa, rim hukuçylary gurama personal vice (adama derek) hereket edýär diýip düşündiripdirler. Ýagny gurama her adam hökmünde hukuk subýekti ýaly hasaplanypdyr.

Şeýle subýektleriň birnäçesi barada çeşmelerde agzalýar.

Respublikanyň hazynasy - aerarium.

Imperator hazynasy - siscus.

Hünärmenleriň dürli birleşikleri -decuriae apparitorum.

Hukuk şahsynyň ýatyrylmagy onuň işiniň ahyrky maksadyna ýetilende ýa-da şahsy düzümi dargandan son amala asyrylypdyr.

## Tema 5: Maşgala hukuk gatnaşyklary.

1.Rim maşgalasyna düşünje.
2.Agnat we kognat garyndaşlyk. Nika hem-de är-aýalyň arasynda şahsy we mläk gatnaşyklary.
3.Atanyň häkimiýeti.

**EDEBIÝATLAR:**

1. Rimskoýe çastnoýe prawa. Pod redaksiýeý I.B.Nowiskogo Moskwa - 1948 ýyl.
2.Digesti Ýustiniana, I.S.Pereterskiý, 1956 ýyl Gosýuizdat

l. Bize mälim bolan rim taryhynyň iň gadymy zamanasynda maşgala-maşgalabaşynyň (paterfamilias) häkimiýetiniň astynda aýaly, çagalary, beýleki garyndaşlary, bergidarlygy sebäpli gul bolanlary, gullary, birleşdirýän patriarhlar (pater-ata, arhos-ýokary, baş, köne diýen sözlerden gelip çykyp, maşgalada atanyň ýolbaşçylygyny aňladýar) maşgala bolupdyr.

Maşgalabaşy aýalyny, çagalaryny, gullary umuman öz golastyndaky ähli maşgala agzalaryny, öz emlägi hökmünde islendik zat edip bilipdir. Yagny olary satyp, calşyp, peşgeş berip, öldürip bilipdir.

Emma ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň we ugurlar (gens-ugur) ulgamynyň dargap, döwletiň emele

gelmegi bilen Rimde maşgalabaşynyň hukuklary çäklendirilip başlapdyr.

Maşgalabaşynyň häkimiýeti "manus" diýip atlandyrylypdyr. Ol öz içinde binäçe hukuklary jemläpdir. Meselem: manus mariti- aýalyň üstünden häkimiýet. Patria potestas - cagalaryň üstünden häkimiýet we ş.m.

2.Bir maşgalabaşynyň häkimiýetine tabyn bolmaklyk, ýagny doga (ganybir) garyndaşlygam agnat garvndaslvk diýip atlandyrylypdyr. Şoňa laýyklykda durmuşa çykmagy bilen täze maşgalabaşynyň ygtyýaryna geçýän gyz Öňki maşgalasy babatda agnat garyndaşlygyny ýitirýär. Tersine, maşgalabaşy tarapyndan maşgalanyň ähli agzalarynyň agnat garyndaşy bolýar.

Ýöne soňabaka agnat garyndaşlyk öz ähmiýetini ýitiripdir. Dine gan boýunça garyndaşlyk hasap edilip başlapdyr. Muňa bolsa kognat garyndaşlyk diýip at berilipdir.

Nika. Maşgala nikanyň esasynda döreýär. Rim hukukçysy Modestin nika şeýle häsiýetnama berýär: "är-aýalyň birleşigi, ömüriik çatlyşmak, hudaýy we ynsany hukugyň umumylygy"

**Nikalaşmagyň şertleri.**

1. Gelinligiň hem-de ýigidiň erkin razylygy (egerde maşgalabaşynyň tabynlygynda bolsalar, onda onuň hem razylygy, ýone eger-de maşgalabaşy esassyz, razylyk bermezden boýun towlasa, ony magistratyň üsti bilen mejbur etmek bolupdyr.
2. Nika ýaşy (erkekler -14, aýallar-12 ýaş)
3. Yatyrylmadyk nikada duryan bolmaly
4.Şahsyň ius conubii (nikalaşmaga hukugy bolmaly.

Nika göni şeýle-de gytaklaýyn garyndaşlaryň arasynda baglaşylan bolsa biderek hasaplanypdyr (ýagny erkek dogan bilen uýasy, daýzasy bilen ýegeni we ş.m. nikalaşyp bilmändirler) Şeýle-de inisi (ýa-da agasy) doganynyň we galan aýalyna öýlenip bilmändir.

Şeýle-de pretor öz häkimlik edýän etrabynyň raýat zenany bilen nikalaşyp bilmändir.

Rimde nika resmi we resmi däl gömüşinde baglaşylypdyr.

Resmi nika şertnamanyň üsti bilen baglaşylypdyr;

Resmi däl nika üçin bolsa dine nikalaşýanlaryň ýönekeý razylygy ýeterlik ekeni.

Nika aşakdaky ýagdaýlar boýunça bes edilipdir.

a)Äri ýa-da aýaly ölse

b)0laryň biri erkinligini ýitirse

w)Aýrylyşsalar

Aýrylyşmaga nusgalyk zamanada (klassiki epoha) erkin rugsat berilipdir.

Är-aýalyň ikisiniňem razylygy bilen. 01 divortium diýip atlandyrylypdyr.

Biriniň islegi bilen. 0l repudium diýip atlandyrylypdyr.

**Är-aýalyň arasyndaky şahsy we emläk gatnaşyklary.**

Nikada aýaly äriniň häkimiýetligiin astynda bolupdyr. Ýagny onuň gyzy ýaly, derejede bolupdyr. Ilki-ilkiler äriniň häkimiýeti çäklendirilmedik bolsa-da soňabaka jemgyýetçilik gatnaşyklaynyn kämilleşmegi bilen äriniň aýalyny öldürmäge, satmaga bolan hukugy aýrylypdyr.

Ýöne eger-de aýaly bilen sin manu nikasy esasynda nikalaşan bolsalar, onda ol kakasynyň ygtyýarynda galypdyr. Ýöne äri bilen ýaşamak onuň hökmany borjy bolupdyr.

cum mahu mariti nikasynda aýalynyň ähli emlägi äriniň ygtyýaryna geçipdir. Hatda nika ýatyrylandan soňam getiren emlägi belli bir bölegini aýala äri ölen ýagdaýynda miras alypdyr.

Sine manu nikasynda är-aýalyň emlägi aýratynlygyna galypdyr we olaryň emläk gatnaşyklary ylalaşyk (şertnama) esasynda kesgitlenipdir.

3.Gaý atalyk häkimiýeti hukuk şahasyny ius proprium civium romanarum (rim raýatlarynyň milli hukuk şahasy) diýip atlandyrýar.

**Tema: 6. Eýeçilik hukugy.**

1 .Eýelik etmek. Eýelik etmäge düşünje we onun görnüşleri.

2.Hususy eýeçilik hukugy

3.Kesekileriň emlägine bolan hukuk.

**EDEBIÝATLAR:**

1. Rimskoýe çastnoýe prawa. Pod redaksiýeý I.B.Nowiskogo Moskwa - 1948 ýyl.

2.Digesti Ýustiniana, I.S.Pereterskiý, 1956 ýyl Gosýuizdat

1. Eýelik etmek- emläge hakyky ygtyýar etmek manysynda hususy eýeçilik hukuk şahasynyň taryhy emele gelşiniň esasynda ýatan gatnaşykdyr.

Rim hukugynda eýelik etmegiň ýüze çykmagy üçin iki sany düzüm bölegi (element) hökman bolupdyr.

l) Corpus possessionis - ýagny eýelik edilýän jisimiň "bedeni" "göwresi". 2) Animus possesionus - ýagny, eýelik etmäge bolan erk, isleg.

Ýöne eýelik etmäge isleg, erk diýlende, rim hukukçylary eýelik edijiniň emläge "öz zady höküminde" eýelik etmäge isleginiň bolmagynyň hökmanylykdygyny anyk kesgitläpdirler. Beýle erki rim hukukçylary animus domini diýip atlandyrypdyrlar.

Rimde eýelik etmegi käbir döwürlerde eýeçilik hukugyndan aýratyn şahasy hököminde-de düşündiripdirler.

Eýelik etmegiň görnüşleri.

Eger-de emläge eýelik edýän adamyň emläge eýelik etmäge hukugy (ius possidendi) bolsa ol emlägiň kanuny eýesi hasaplanypdyr.

Eger-de hakykat ýüzünde emläk özlerinde bolsa-da oňa eýelik etmäge hukugy ýok adamlar emlägiň bikanun eýeleri hasaplanypdyr.

**Ynsapsyz bikanun eýelik etmek.**

**Ynsaply bikanun eýelik etmek.**

Ynsaply bikanun eýelik etmekde emläk eýesi emläge bikanun eýelik edýändigini bilmeýän we bilmäge borçly däl ýagdaýlar göz öňünde tutulypdyr. (Meselem: ogurlanandygyny bilmän emlägi satyn alan adam)

Ynsapsyz bikanun zat eýesi diýip bolsa ogry hasaplanypdyr.

Rim hukukçylary emläge eýelik etmek hukugynyň döremegi üçin corpore et animo ýagny, zat we isleg gerek diýip hasaplanypdyrlar.

Bu zatlaryň biriniň ýitirilmegi bilen eýelik etmek hukugy hem ýitirilipdir.

Eýelik edilýän emlägi goramak üçin rim hukugynda talap arzalaryň birnäçe görnüşi bolupdyr. (Biziň bilişimiz ýaly rim kazyýet ulgamy bolsa talap arzalaryň ulgamy hököminde hereket edipdir).

Eger-de jedeliň netijesinde emläk (zat) emläge eýelik etmäge haky bar adama däl-de, beýleki adama berilse, onda

emläge hukukly tarap windikasion talap bildirmäge hakly bolupdyr.

Yene-de prowizor gorag usuly hem-de petitor gorag usuly ýaly, emläge eýelik etmek hukugyny goramagyň usullary bolupdyr.

Onsoňam eýelik hukugyny goramagyň ýene-de bir tapawutly aýratynlygy, onuň gorag usullary talaplaryň däl-de interdiktleriň üsti bilen amala aşyrylypdyr.

Nusgawy hukukda interdiktleriň 2 görnüşi bolupdyr.

interdictum uti possedetis - gozgalmaýan emlägi goramak ücin.

**Interdictum utrubi-**gozgalyan emlagi goramak ucin.

2.Rimde hususy eýeçilik hukugyny **dominium** diýen adalga bilen aňladylypdyrlar.

Respublika zamanasyndabolsa **proprietas** diýen adalga ulanylypdyr.

Dominium diýen söz **ex iure Quiritium** diýen sözler bilen üsti ýetirilip ulanylypdyr. Bu bolsa " Kwiritleriň hukugyna laýyklykda agalyk etmek" diýen manyny berýär.

Bu jümle bilen esasan ilkibada hususy eýeçilik hukugy dine rim halkyna, soňra bolsa rim raýatlaryna degişlidigini aňladypdyr. Ilki - ilkiler eýeçilik hukugyny peregrinlerdir-latynlar edinip bilmedigem bolsa, soňabaka olara hem hususy eýeçilik hukugy degişli edilip ugrapdyr.

Her bir emläk, zat eýeçilik hukugynyň predmeti hököminde çykyş etmändir. Şonuň bilen birlikde islendik zat raýat dolanyşygynyň hem-

de ygtyýar etmegiň predmeti bolup bilmändir.

Meselem: akar suw, howa hususy eýeçilik hukugynyň predmeti bolup bilmändir. Sebäbi ol zatlar mydama üýtgäp durup, öz tükeniksizligi zerarly hiç kimiň aýratynlaşdyrylan, ýeke-täk agalygynyň astynda bolup bilmändir.

Şeýle-de hususy eýeçilik hukugynyň predmeti bolup çykyş etse-de- raýat dolanyşygyna goşulmaýan we özbaşdak ygtyýar edilmeýän **zatlar** bolupdyr. (zäherli maddalar, gadagan edilen kitaplar).

Emläkler birnäçe toparlara bölünipdir.

**Res exstra commercium -** dolanyşykdan alnan emläkler.

**Res in commercio -** dolanyşykdaky emläkler.

**Res divini iuris** - dini maksatlar üçin niýetlenen emläkler (mährablar, buthanalar)

**Res publicae** - döwlet emläkleri.

Häzirki eýeçilik hukugyndan tapawutlylykda rim hususy eýeçilik hukugy bäş sany düzüm böleginden emele gelipdir.

**Ius utendi** - zatdan peýdalanmak hukugy.

**Ius gruendi** - Miwelerini we girdejilerini almak hukugy.

**Ius abutendi** - ygtyýar etmäge hukuk.

**Ius possidendi** - eýelik etmäge hukuk.

**Ius vindicandi** - emlägiňi kesekiden talap edip almaga bolan hukuk.

3.Öz predmeti höküminde maddy zady göz öňünde tutýan we şol zady islendik kast edijiden goraýan hukuga doly (absolýut) emläkleýin hukuk diýilýär. Rimde doly emläkleýin hukuk diýlende dine bir eýeçilik hukugy göz-öňünde tutulmandyr. Ondan başga kesekileriň emlägine bolan hukuk hem (iura in re aliena) doly emläkleýin hukuk hasaplanypdyr.

Olaryň ýagny kesekileriň emlägine bolan hukugyň esasy gömüşleri bolup Serwitut hukugy hem-de girew hukugy çykyş edipdir.

Serwitut sözi **servire**-gulluk etmek **servos** - gul, gulçy diýen sözlerden gelip çykyp, ilkibaşda bir mellek ýeriniň beýleki mellek ýeriniň bähbitlerine laýyk ulanylmagyny, ýagny bir ýer eýesiniň goňşy ýer eýesine öz mellek- ýeriniň üstünden suw, ýol geçirmäge, gatnamaga rugsat bermäge borçludygyny aňladypdyr.

**Tema 7: Kesekiniň zadyna bolan hukuk barada düşünje**

1 .Kesekiniň emlägine bolan düşünje.

2.Serwitutlar we olaryn görnüşleri.

3.Emfitewzis we superfisiý.

4. Girew hukugy we onun görnüşleri

**EDEBIÝATLAR:**

1. Rimskoýe çastnoýe prawa. Pod redaksiýeý I.B.Nowiskogo Moskwa - 1948 ýyl.

2.Digesti Ýustiniana, I.S.Pereterskiý, 1956 ýyl Gosýuizdat

Rim döwletinde emläkleýin hukuklar babatynda diňe bir eýeçilik hukugy hereket etmän kesekiniň emlägine bolan hukuk diýen institut hem hereket edipdir. Bu instituta serwitutlar emfitewzis we superfisiý hem-de şertnamanyň üpjün ediji serişdesi höküminde girew hukugy degişlidir. Kesekiniň emlägine bolan hukugy düşünjesi hususy eýeçiligin ýüze çykmagy bilen gös-göni baglanşyklydyr. Sebäbi, ýer umumy eýeçilige degişli wagtynda (urug, tire, taýpa) ähli ýer bölejiginin ýetmezçiligi beýleki ýer uçastogynyň kömegi bilen doldurylýar.

Rimde hususy eýeçiligin döremegi bilen her bir adamy belli bir ýer uçastogyna berkitmek. Ýer uçastoklary bolsa Özleriniň ýerleşişini, tebigy eşretlerin paýlanşy bilen bagly.

Şonun üçin hususy ýer eýeleri tebigatyň eşretlerini deňderejede peýdalanyp bilenoklar. Şol sebäpli hem

zerurlyk ýüze çykýar, şol deňsizligi adamlar öz hukuk çäreleriniň üsti bilen düzgünleşdirmek zerurlygy ýüze çykýar. Şol sebäpli hem ilki-ilkiler goňşy ýer eýeleriniň arasynda ikitaraplaýyn şertnamalar baglaşylyp başlanýar. meselem: 10 bedre suw geçirmek, şonun ýerinden mal geçirmek.

Bu şertnamalaýyn ylalaşyk, bu problemanyň doly çözüp bilmeýär hem-de tebigy ýetmezçiligiň öwezini dolup bilmeýär. Sebäbi, şertnama şahsy häsiýete eýedir. Bu Şertnamanyň predmeti bolup 2 tarapyň öz üstüne alýan borçlary we hukuklary hereketleri) çykyş edýär. Bu diýildigi şertnamanyň subýektiniň üýtgemegi bilen şerti ýatyrylýar. Ikinji gonşy ýer eýeleriniň arasynda şertnama baglaşylan bolsa bir ýer eýesi satsa ýatyrylýar. Sebäbi şony satmak bilen hukugyny ýitirýär. Täze ýer eýesi bilen baglanyşylýar. Şonun üçin bu ýolun bu ugrun jemgyýetçilik gatnaşygy doly düzgünleşdirilip bilmeýändigi sebäpli şu gatnaşygy düzgünleşdirmek üçin hukuk çäresi ýüze çykarylýar. Rim ýuristi ol serwitut hukugy ady bilen atlandyrylýar. Serwitut-serwil sözünden emele gelip, ol gulluk diýen manyny anladýar. Her bir ýer uçastogy beýleki uçastogy gulluk edýär, täsir edýär.

Serwitut hukuk predmeti bolup gös-göni ýer emläk çykyş edýär. Has dogrysy ýer.

Şu hukukda subýektin üýtgemegi serwitut hukugy ýatyrylanok, Serwitut hukugyndan tebigy ýetmezçilikli ýer eýesi peýdalanýar. Serwitut hukugyndan peýdalanmaga beren ýer eýesinin üýtgemegi oňa täsir etmeýär. Soňra dine emläkleýin serwitut hereket etmän şahsy serwitut ýüze

çykyp ugraýar. Şahsy serwitut wagtam esasan uzofrukt, ady bilen atlandyrylýar. Şol sebäpli hem serwitut 2 bölünýär.

1. Predial
2. Şahsy serwitutlar

Predial serwitut predium sözünden gelip çykyp mülk diýen manynyn biri. Bular esasan ýer uçastogy bilen baglanyşylan serwitut göz önünde tutulýar. Predial serwitut öz arasynda oba we şaher serwituta bölünýär. Oba serwitut görnüşleri şu aşakdakylar:

l.Goňşy ýer uçastogyndan geçmek hukugy;

2.Gonşy ýer uçastogyndan agyr ýük alyp geçmek hukugy;

3.Gonşy ýer uçastogyndan mal sürüp geçmek hukugy;

Suw bilen baglanyşykly:

1 .Gonşyň uçastogyndan suw alyp geçmek

2.Goşy almak hukugy;

3. Gonşy ýer uçastogynda mal bakmak;

Şäher serwitut:

l.Goňşynyň diwaryna söýäp diwar galdyrmak hukugy: ýa-da gurluşyk etmek;

Şahsy serwitut uzufrukt degişli, uzufrukt kesekinin emläginden peydalanmak we onuň miwesinden peydalanmak, ýöne şol emlägin zyýan bermän, ýagny manysyna, mazmunyna.

Uzufrukt-hukugy peýdalanýan adam ony kesekileşdirip, satyp, karzyna berip hem-nesiline miras goýup gidip bilmändir.

Uzufrukt peýdalanmaga berilýän emläk, maksadyna laýyk peýdalanylmaly.

Şahsy serwitutyň görnüşleriniň biri uzufrukt latyn uzufrukt.

Ähli zady uzufrukta meňzeş, dine emlägiň miwesinden peydalanmak hukugy bolmaýar. Rimde serwitut şeýle düzgünler hereket edendirler. 0l düzgünleriň esasynda gulluk

edýän ýerin eýesi öz ýeri babatyndaky hukuklaryny serwitut hukugyndan peýdalanýan

adama geçýär. Bu diýildigi Meselem: Serwitut hukugy ýerde mal bakmaga ýer bolmasa goňşy ýerde serwitut hukugyndan peýdalanýan adam artykmaç hukugy bolup şol ýerden peýdalanýar.

Serwitut hukugy gulluk edýän ýer eýesi serwitut hukugyny peýdalanýan adama gönükdirilen hiç bir položitel hereketleri etmäge borçly bolmandyr. Eger-de serwitut hukugy peýdalanýan adama gönükdirilip položitel hereketler ediläýse bu aýratyn borçnama hökmünde seredilipdir. Serwitutlaryň ýüze çykyşy:

1. Birtaraplaýyn akt esasynda, muňa gulluk edýän emlägin eýesiniň razyçylygy boýunça:

2. Şertnama esasynda;

3.Kazyýetin çözgüdi esasynda;

4. Kanun esasynda;

5.Hak isleýiş möhletiň geçmegi esasynda;

**aşakdaky ýagdaýlarda serwitutlar ýatyrylýar:**

1. Emlägiň ýok edilmegi bilen (fiziki we ýuridiki ýok edilmegi) fiziki we ýuridiki hadysalar;

2. Şahsy serwitutlarda subýektin ölmegi bilen (serwitut hukugyndan peýdalanýan

3. Serwitut predmetiniň serwitut subýektine (ýer satylmaaaagy bilen)

4. Subýektiň ýüz döndermegil

5. 5.10-20 ýylyň dowamynda peýdalanmadyk ýagdaýynda;

Serwitut hukugy A çtio confessoria ş ol talap esasynda goralýar. Bu talap Actio negotoria talabyna gapma-garşylykly ulanylýan talapdyr.

Emfitewzis we superfisiý.

Emfitewzis we superfisiý serwitutlardan esasan tapawudy onuй mazmunynyň gin bolmagy bilen (mazmunynyň giň diýilmek ýer, emläk.)

Emfitewzis emläk (ýer) kesekileşdirilip hem bilinýär, mirasdarlara miras goýulyp bilinýär. Uzak wagtlaýyn peýdalanmak hukugy, kesekileşdirilen hökmany zadyň eýesiniň razyçylygy esasynda kesekileşdirilýär, hökmany ýer eýesine kärende pul tölenýär hem-de döwlete salgyt tölenýär. Egerde kärendiçi ýer-eýesine 3 ýylyň dowamynda pul tölenmese emfitewzis ýatyrylan hasap edilýär. Emfitewzis grek sözi bolup, nasaždat manyny berýär.

Esasan emfitewzis grekleriň we ýegipetleriň praktikada ulanyp gelýär. Rimde bolsa ýeriň kärende görnüşinde peýdalanylýar. Ýustinýan döwründe şol özi bilen galdyrylýar.

Superfisiý bilen emfitezis tapawudy.

Emfitewzis oba hojalyk maksatlary üçin niýetlenen ýerleri peýdalanmaga alnan;

Superfisiý ýeri gurluşyk etmek üçin peýdalanmaga alnan;

IV. Rim hukugynda şeýle hem girew hukugy döredilen:

0l hem kesekiniň emläginden peýdalanmak hukugynyň kategoriasyna degişli boIup, şertnamany üpjün edip serişdesi hökmünde ulanylan.

Girew hukugy rim döwletiniň döwründe işlenip düzülen. Şol girew hukugy esasynda şertnamanyň üpjün edilişi: bergidar adamyň öž borjuny ýerine ýetirýän wagtynda algydar adamyň öz hukugyny kanagatlandyrmagy ýaly emläginiň goýulmagy.

Onuň görnüşleri: fiduçia, pignus, ipoteka

l.Fiduçia - eýelik hukugynyn ýüze çykmagynyň esasy

2.Pignus- peýdalanmak hukugyndan ýüze çykmak

3.Ipoteka- (gozgalmaýan) zat ýeriň girewine goýulmagy. Diňe hukugy gelýär, emläk geçenok.

**Tema: 8 Borçlar barada düşünje we olaryn görnüşleri.**

1.Borçlar barada düşünje.

2.Geleşikleriň (ylalaşyklaryň) görnüşleri.

3.Ylalaşyklaryň hakyky bolmagynyň esaslary.

**Edebiýatlar:**

1. И. Пухан., М. Полинак. – Акимовская. Римское право. М.-2000 г.

2. Т.В.Новицкий. Основы римского право.М.-2000 г.

3. В.А.Томсинова. Римское право.М.-2001 г.

l.Rim hukugynda borçnama - obligatio diýlip atlandyrylypdyr we ona şeýle kesgitlemeler berilipdir.

"Borçnama bizin döwletimiziň kanunlaryna laýyklykda, bizi haýsydyr bir hereket etmäge mejbur edýän hukuk gandallarydyr".

"Borçnamanyň mazmuny haýsydyr bir maddy predmeti (jisimi) ýa-da haýsydyr bir serwituty bizin ygtyýarymyza bermekden durmaýar-da, kimdir birini, onuň bize bir zady bermegi, biz üçin bir zatlar etmegi babatda baglamagyny aňladýar" diýip rim hukukçysy Pawel aýdyp geçipdir.

Bizin döwrümizde-de borçnamanyň kesgitlemesi 2000 ýyl mundan ozalkydan kän bir tapawut etmeýär. Ýagny häzirki hukuk nazaryýetinde borçnamanyň nämedigini şeýleräk kesgitleýärler.

Bir şahs başga bir şahsyň peýdasyna belli bir hereketleri etmäge ýa-da belli bir hereketleri etmekden saýlanmaga dil üsti, ýazuw üsti ýa-da hereket üsti bilen

baglaşylan, ylalaşyk esasynda borçly bolanda olaryň arasyndaky gatnaşyk borçnamalaýyn kesgitlenilýär.

Rim hukukçylary borçnamany belli bir möçberdäki garaşlylyk, baglylyk hasaplapdyr. Bu babatda Ýustinianyň Institusiýlerinde (düşündirişlerinde) şu aşakdaky ýaly düşündiriş berilýär.

"Borçnama - hukuk gandallarydyr. Borçnama döremezinden ozal erkin hereket edýän adama şol gandallar dakylandan soň, olar onuň hereketlerini gysýarlar, öz üstünden keseki agalygy duýmaga mejbur edýärler".

Onsoňam "gandal" "garaşlylyk" ol döwürlerde ýöne bir owadan söz bolmandyr. XII tablisanyň kanunlarynda bergisini üzmedik bergidaryň zynjyra çatmak hakynda düzgünler bolupdyr. 0l düzgünde hatda dakylmaly zynjyr gandalyň agramy hem 15 funt (iňlis agram ölçegi, o,6-7 kg golaý) diýlip görkezilipdir.

Şeýle-de bergisini möhletinde üzmedik bergidary gulçylyga satmaga, hatda öldürmäge-de algydaryn hukugy bar ekeni. Diňe b.e.öň IV asyrda Peteliýanyň kanuny bilen algydarlara bergidarlaryny öldürmek we satmak gadagan edilipdir.

Borçnamalaryň birnäçe görnüşleri bolupdyrbolupdyr. Şertnamalaýyn borçnamalar, tebigy borçnamalar we ş.m.

Ýöne borçnamalaryň döreýşiniň esasy boýunça olar iki sany möhüm görnüşe bölünýärler.

1 .Şertnama esasynda dörän borçnamalar (ex contractu)

2.Hukuk bozmadan (ýagny zelel ýetirmekden) döreýän borçnama (ex delicto)

2.Islendik hukuk kadasyny - ol kim tarapyndan, nähili görnüşde, nähili çylşyrymly dil bilen ýazylandygyna garamazdan ony ine şu aşakdaky ýaly, şertli sözlemde beýan etmek mümkin "eger-de şeýle-şeyle hakyky ýagdaýlar (faktlar) bar bolsa onda şunuň ýaly hukuk netijeleriniň ýüze çykmagy bilen hukuk kadasynda baglanyşdyrylýan hakyky ýagdaýlary (ýuridiki fakt) diýip atlandyrylýar.

Hukuk ähmiýetli hakyky ýagdaýlary iki topara bölmek bolar.

a) hadysalar (olar adamyň erkine bagly däl) - wagtyň geçmegi, ýer titiremegi we ş.m.

b) Hereketler (olar adamyň erkine bagly);

Hereketlerin hem 2 görnüşi bolýar.

1 .Hukuga garşy hereketler (ogurlyk, kesekiniň emlägini zaýalamak)

2.Hukuga laýyk hereketler (geleşikler, okamak, zähmet çekmek we ş.m.)

Ine şonuň ýaly hukuga laýyk hereketlere girýän geleşiklere bolsa hukuk nazaryýetinde şu aşakdaky ýaly kesgitleme berilýär.

"Taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny döretmäge, üýtgetmäge we bes etmäge gönükdirilen hem-de taraplaryň erk-islegine laýyklykda amala aşyrylyp, kanuna garşy gelmeýän hereketlere geleşikler diýilýär".

Rimde şertnamalar ulgamy örän özboluşly bolupdyr. Sebäbi ol kontraktlar we paktlar diýen iki görnüşli şertnamalary özünde jemläpdir.

Ýöne has soňraky döwürde rim hukuçysy Gaý şertnamalary özüçe toparlara bölüpdir.

**Real şertnamalar** - Re diýen latyn sözünden emele gelip, zat emläk diýen manyny beripdir we şertnamanyň predmetiniň (zady, emlägi) hökman beýleki tarapa berilmelidigini aňladypdyr.

Werbal şertnamalar- Verba - diýen latyn sözünden emele gelip, dilden baglaşylan şertnamany aňladypdyr.

Litteral şertnamalar - litterae - diýen latyn sözünden gelip çykyp, hat, ýazuw manysyny berip, ýazmaça baglaşylan şertnamany aňladypdyr.

Konsensual şertnamalar - consensus - diýen latyn sözünden döräp ylalaşyk manysynda aýdylypdyr.

Rim hukugynda kontraktyň bu toparlary öňlerinde dürli geleşikleriň kesgitli, anyk sanawyny jemläpdirler.

Paktlar - diýip bolsa rim hukugynda resmi däl ylalaşyklaryň dürli görnüşleri

göz öňünde tututlypdyr. Olar umumy hereket edýän düzgünlere görä talap arza bilen

garalmaga ( ýagny kazyýet üsti bilen goralmaga) degişli edilmändir.

Ýöne wagtyň geçmegi bilen paktlar hem kazyýet goragyndan peýdalanyp

ugrapdyrlar;

3.Rim hukugynda şertnamalaryň hakyky bolmagynyň esasy şertleri hem anyk kesgitlenipdir.

1). Islendik geleşik ýaly şertnama ony baglaşýan şahalaryň erk-isleginiň beýany bolup çykyş edýär. Şoňa görä-de taraplaryň azat we ylalaşykly erk-islegi şertnamanyň hakykylygynyň möhüm şertidir. 0l rim

hukugynda conventio -ylalaşyk diýen adalga bilen aňladylypdyr.

2). Şertnamanyň hakykylygynyn 2-nji şerti bolsa kanunylykdyr. Ýagny şertnamanyň predmeti hukugyň kadalaryny (ya-da kadasyny) bozýan hereket bolmaly däl. Şeýle-de ahlaga ýa-da "ýagny niýete" (bonae fidei) garşy gelýän şertnamada bikanun hasaplanypdyr. (Meselem nikalaşmazlyk hakynda borçnama)

3).Eger-de şertnamanyň mazmunynyň bulaşyklygy hem şertnamany hakyky däl diýip yglan etmäge kanuny sebäp hasaplanypdyr. Meselem: bergidar algydara berigisiniň deregine öz islegine görä bir zady bermek baradaky borçnamany boýun alsa onda şertnama hakyky däl diýip hasaplanypdyr. Çünki bergidar biderek bir zady bermegi mümkin. Şeýle-de bergidar algydaryň islegine görä islendik zadyny bermegi borç edinse-de şertnama hakyky däl diýlip kesgitlenipdir.

Beýtmek bilen ol öz emläginin ykbalyny algydara garaşly ýagdaýda goýýar. Bu bolsa ahlaga we "ýagşy niýete" ters gelýär diýlip hasaplanypdyr.

4). Borçnamanyň predmeti bolup çykyş edýän hereketiň amala aşyrylmagy mümkin bolmaly. Ýagny şertnamada borç hökmünde "deňzin ähli suwuny daşamak" goýlup bilinmez.

5). Şeýle-de borçnamanyň predmeti algydar üçin gerekli, bahaly bolmaly.

6). Borçnamanyň predmeti hem ähli alamatlary boýunça kesgitlenen, takyk bolmaly. Meselem: eýle görnüşli ak bugdaýyn bir modiýi (rimde agram ölçegi)

berilmeli" diýlip şertnamada kesgitlense ol şol aýdylyşy ýaly, borçnama ýerine ýetirilmeli bolupdyr.

**Tema: 9 Şertnamalaryň görnüşleri.**

1. Şertnamalar we paktlar.
2. Şertnamanyň mazmuny.
3. Birtaraplaýyn we köptaraplaýyn şertnamalar.
4. Şertnamalaryň ýatyrylyşy.

**Edebiýatlar:**

1. И. Пухан., М. Полинак. – Акимовская. Римское право. М.-2000 г.
2. Т.В.Новицкий. Основы римского право.М.-2000 г.
3. В.А.Томсинова. Римское право.М.-2001 г.

1. Werbal şertnama diýlip rim hukugynda sözler bilen borçnamany emele getirýän şertnama aýdylýar. Şeýle şertnama bellenilen jümleleriň aýdylmagy bilen hukuk güýjüne girýär.

Esasy werbal kontrakt stipulyasiyadyr. **Stipulýasiýa** diýip geljekki algydaryň soragy (100 bermäge razymy? Centum dare spondes?) we geljekki bergidaryň şol soraga jogaby (spondes. Söz berýärin) bilen baglaşylýan şertnama aýdylýar.

Litteral şertnama diýlip ýazmaça baglaşylan şertnama aýdylýar.

"Litteris fit obligatio" borçnama hat, ýazuw esasynda döreýär" diýip rim hukugynda tymsal bar ekeni.

Rimde has giň ýaýran şertnamalaryň görnüşi real kontraktlardyr. Real kontraktyň birnäçe görnüşi bolupdyr:

1.Karz almak şertnamasy (mutuum) ;

2.Karz bermek şertnamasy (commodatum);

3.Saklamak we ýük daşamak şertnamasy (depositum);

4.Girewine goýmak şertnamasy.

1). Karz almak şertnamasy boýunça bir tarap (karz beriji) beýleki tarapyň (karz alyjynyň) eýeçiligine anyk pul möçberini ýa-da beýleki emläkleriň möçberini bermegi, karz alyjy bolsa şertnamada görkezilen möhletin dowamynda edil şeýle möçberdäki puly ýa-da özüne berlen emlägiň möçberindäki we şoňa menzeş emlägi karz berijä gaýtaryp bermäge boýun bolýar.

2). Karz bermek şertnamasy diýip bir tarapyň beýleki tarapa takyk kesgitli emlägi wagtlaýyn we muzdsyz bermegi, şol emlägi alan tarapyň bolsa emlägi ulanyp bolandan soňra ony öňkisi ýaly abat ýagdaýda gaýtaryp bermegi baradaky borçlaryny döredýän real şertnama aýdylýar.

3). Depositum şertnamasy boýunça bir şahs beýleki şahsdan takyk-kesgitli zady abatlykda we bitewülikde, muzdsyz, belli bir möhletiň dowamynda ýa-da emläk beriji talap edýänçä saklamaga hem-de möhlet dolandan soň ýa-da emläk beriji talap edenden soňra emlägi öňküsi ýaly ýagdaýda gaýtaryp bermäge borç edinýär.

4). Girew şertnamasy bolsa eger-de girew goýulýan emlägiň berilmegini göz öňünde tutýan bolsa, onda real kontrakt häsiýetli şertnamalaýyn gatnaşyklar döräpdir.

Konsensual kontraktlaryň hem rim hukugynda birnäçe görnüşi bar.

1)Almak-satmak şertnamasy (emtio-venditio);

2)Kireýine almak şertnamasy (locatio-conductio)

3). Zatlary kireýine almak şertnamasy (locatio-conductio rerum);

4). Hyzmatlary kireýine almak şertnamasy (locatio-conductio operarum);

5).Potrat şertnamasy (locatio - conductio operis);

6). Tabşyryk şertnamasy (mandatum);

7). Ýolbaşçylyk şertnamasy (societas);

Şeýle-de rim hukugynda alyş-çalyş şertnamalarynyn görnüşleri bolupdyr. Olar , contractus innominati diýip atlandyrylypdyr. Olara "atsyz şertnamalar" diýip hem atlandyrypdyrlar.

Islendik pakt ýuridiki netijelere getirýän bolsa bu paktlara ýuridiki paktlar diýilip atlandyrylýar. Ýuridiki paktlar hadysa adamyň erk-islegine bagly bolmadyk ýagdaýa hem-de adamyň özi tarapyndan ýerine ýetirilýän hereketlere bölüp bolýar.

Hadysa-mesele adamyň özüne bagly bolmadyk ýagdaý wagtyň geçmegi diýlip şu pakt miras galýar. Şonda ýuridiki fakt hasaplanylýar. Rim döwletinde adamynyň kanuna garşy gelýän hereketleri bilen emele gelýän netijelere garşy göreş alynyp barylypdyr. Meselem: ogurlyga, şahsyýeti kemsitmäge şu hereketler ýuridiki faktlar
bolup durýar. Rimde ýuristler tarapyndan diňe bir- kanuny bozujylyk hereketler ýuridiki faktlar hasaplanman ýogsam kanun tarapyndan rugsat berýän hereketler hem ýuridiki netijelere getirip bilipdir, bular borçlary gös-göni döredýän üýtgedýän ýa-da ýatyrýan hukugy hereketlerdir. Bu hereketler geleşikler diýen at bilen atlandyrylýar. Ýöne şol döwürlerde biziň häzirki döwre gabat gelýän söz ulanylman

ol "Megotin çepere" "Moşegotin kontrare"" diýen söz ulanylypdyr.

Egerde geleşik baglaşylýan belli bir maksada ugrukdyrylan adamlaryň erk-islegi beýan edilýär. Eger geleşik birtaraplaýyn bolsa ýa-da bir adamyň erk-islegi beýan edilen bolsa onda ol birtaraplaýyn hasap edilýär. Meselem: Mirasdara Wesýetnama esasynda mirasdüşere emlägi goýup gitmek.

Egerde geleşikde 2 adamyň islegi beýan edilse we 2 tarapda gapma-garşylykly borçnamalar dörese onda oňa 2 taraplaýyn geleşik diýilýär. Meselem: Almak-satmak şertnamasy we potratçylyk şertnamasy. Ýöne, islendik geleşik 2 tarapyň arasynda borçnamany döredýar diýip bolmaýar. Meselem: bir tarap beýleki tarapa eýeçilik hukugy geçirmek maksady bilen emlägi peşgeş berende hiç-hili borçnama ýok.

Eger-de 2 tarapyň erk-islegi beýan edilip 2-nde borçlar dörese onda oňa şertnama diýilýär. Rimde şertnamalar we faktlar degişli bolupdyr, bu 2 görnüş biri-birinden esasy sebäpler bilen tapawutlanýarlar.

Kontraktlar diýlip-siwil hukugy bilen ykrar edilip hem-de talap bilen garalýan ylalaşyklar kontrakt diýilip hasap edilipdir. Praktiki taýdan durmuşda adamlaryň arasynda baglaşylýan ylalaşyklar şertnama hasaplanman we talap goragyndan peýdalanmandyr. Durmuşda şertnamalar (kontrakt) toplumyna girmeýän talap goragyndan peýdalanmaýan ylalaşyklara faktlar diýilýär.

Faktlaryň kontraktlardan tapawudy olaryň formal däl ýagdaýda geçirilýänligidir. Bu diýildigi kontrakt baglaşylanda formal ýagdaýlaryň

ulanylýanlygydyr.Meselem: hökman 5 sany zadyň hökman tereziçiniň we çekuw daşy ýa-da satyn alynýan zadyň hökman bolmagydyr. Emma faktlar bolsa durmuşda adamlaryň ylalaýöne, formal hereketler bolmandyr. Şonuň üçin Rimde hojalygyň ykdysadyýetiň ösmegi esasanam şertnamanyň üýtgemegine getirýär.

Iň gadymy borçnamalaýyn şertnama:

Neksum

Stepulýasiýa

Neýtral görnüşleri

eksum-käbir ýuristler şoňa formal hereketleriň edilmeginde islendik şertnama düşünilýar ýa-da käbir ýuristler bolsa öz üstüne belli bir borçlary almagy düşünilýar. meselem: karz almak şertnamasy.

Stipulýasiýa-Bu Werbal şertnamasynyň bir görnüşi bolup, sorag jogap esasynda baglanyşylýan kontrakt. Bu sorag-jogap esasanam formal ýagdaýda baglanyşylýar.

Neksum-kontrakt şertnamasy wagtyň geçmegi bilen öz ornunda "Mutum" diýen şertnama bilen çalyşýar bu hem kar almak şertnamasynyň bir görnüşidir. Mutum şertnamanyň neksumdan esasy tapawudy formal hereketiň gerek däldigi ýöne, 2 sany şert gerek.

5. 2 tarapyň ylalaşygy .
6. Zadyň fakt ýagdaýynda geçirilmegi.

**Tema: 10 Miras hukugy.**

1.Miras hukugy barada düşünje.
2.Wesýetnama boýunça miras.
3.Kanun esasyndaky miras.
4.Miras baradaky talap.

**Edebiýatlar:**

1. И. Пухан., М. Полинак. – Акимовская. Римское право. М.-2000 г.
2. Т.В.Новицкий. Основы римского право.М.-2000 г.
3. В.А.Томсинова. Римское право.М.-2001 г.

Miras - munuň özi ýöne dil bilen aýdylanda, ölen adamyň emläkleriniň belli bir adama ýa-da adamlaryn toparyna geçmegidir.

F.Engels öz kitabynda "Maşgalanyň hususy eýeçiliginiň we döwletiň döremegi" diýen kitabynda miras diýen düşünjäniň döwletiň hem-de hususy eýeçiligin döremeginden öň dörändigini belläp geçýär. Ýöne miras diýen düşünje miras hukugy diýen düşünjäni diňe hukugyň hem-de döwletiň döremegi bilen galýar.

Miras hukugy şeýle hem uniwersal bolup durýar, bu diýildigi mirasdara diňe-emläk geçmän emläk bilen başga hukuklary we borçlary hatda mirasdüşeriň bilmeýän hukuklary we borçlary hem geçýär.

Miras hukugy şeýle hem Rim döwletinde bir bada hem kanuny mirasy hem-de wesýetnama boýunça mirasy kabul etmändir. Bu diýildigi miras galýan emlägiň bir bölegi wesýetnama esasynda bir bölegi kanun esaslara

aýry-aýry adamlara duşup bolmaýandygyny aňladýar. Şeýle hem miras hukugy diýen düşünje öz içine mirasyň açylmagy hem-de mirasa girmeklik diýen düşünjäni öz içine alýar.

Mirasyň açylmagy haçan ýüze çykýar? Onuň açylmagy adamyň ölmegi bilen başlanýar. Emma mirasa girmeklik bu mirasdüşeriň öz isleginiň barlygyny beýan etmekligi bilen baglanyşyklydyr. Bu diýildigi bolsa miras açylanda belli mirasdüşerleriň häli miras galýan emläkleriň eýesi däldigini aňladýar. Mirasdüşer emlägi kabul edip alanda ýa-da kabul etmeklik bilen başlanan hereketler edende eýesi bolýar.

Bizin häzirki hukuklarymyzdan tapawutlylykda eger-de mirasdüşerler miras düşýän emläkden ýüz dönderenlerinde emläk döwletiň haýryna geçmän eýesiz emläk diýen statusa eye bolýar. Hem-de kim şol emläkden peýdalansa emläk şonuň eýeçiligine geçýär.

Bizin bilişimiz ýaly eger-de wesýetnama boýunça miras ýok bolsa onda kanuny miras hereket edýär. Kanuny miras şeýle hem mirasdüşerler mirasdan wesýetnama kazyýet tarapyndan ýuridiki güýji ýok diýip tassyk edilende ýüze çykýar.

Miras hukugynyň döreýişi we ösüşi elbetde döwletdäki hukuk hem-de önümçilik gatnaşyklarynyn ösüşi bilen baglanyşyklydyr. Ilki bilen kanun esasda miras döreýär. Birazrak işläp wesýetnama esasynda miras hukugy döreýär. Ilki ilkiler kanun esasynda miras agnat garyndaşlygy boýunça düşupdir.

Bu miras düşmeklik siwil hukugynda göz öňünde tutulan. Bu miras düşmekligiň durmuşda doly we dogry

däldigi üçin pretor ediktleri esasynda üýtgedilýär. Şol sebäpli pretor ediktleri dine bir kanuna esaslanman durmuşyň, praktikanyň hakyky ýagdaýy graždanlaryň bähbitleriniň goraglylygy üçin halkyň adyndan çykyş "edýär. Emma pretor gös-göni siwil hukugynyň normal üýtgedip bilmändir. Şol sebäpli pretor bu adalatsyz miras düşmekligi adamlara ýörite talap bermegi bilen ýatyrýar. (Agnat miras düşmekligi ýatyrýar).

Agnat garyndaşlyk esasynda miras düşmeklik öz ornuny kognat garyndaşlyk esasynda miras düşmeklik bilen çalyşýar.

Ýustinýan döwri bu 2 düşünje biri-birine birleşdirilip has ösen düşünjäni döredýär. Bu düşünje bolsa Ýustinýanyň nowellalarynda görkezilendir. Wesýetnama esasynda miras düşmeklik diýmeklik ölen adamyň öz emlägine bolan hukugyny aňladýar. Bir taraplaýyn akt esasynda emlägini bir adama goýup gitmegini aňladýar.

Wesýetnamada hökmany miras goýup gidýän adamyň ady doly we dogry ýazylmaly bolupdyr. Meselem: Egerde miras goýulýan adam kämillik ýaşyna ýetmedik bolsa oňa kimi hossar bellemelidigini hem öz içine almaly bolupdyr.

Şeýle hem wesýetnamanyň bir taraplaýyn akt diýilýän düşünje wesýetnamada ýazýan goýan adamyň erk-isleginiň beýan edilýändigini aňladýar.

Şol sebäpli wesýetnama esasynda mirasa düşýän adam mirasy kabul edibem we ýüz dönderibem biler.

Şoňa gapma garşylyk wesýetnama esasynda miras goýup gidýan adam ýaşaýan döwri wesýetnamany ýatyrybam, üýtgedibem täzeden hem ýazyp bilýar.

Wesýetnama Rim hukugy boýunça belli bir şertleri talap edipdir. (kanuny bolmagy üçin, ýuridiki güýjiniň bolmagy üçin).

Wesýetnama diňe bir hususy ýol bilen baglanyşylman jemagat tertibinde hem baglanyşylyp bilinipdir, onuň gömüşleri:

1.Kazyýet seljerişinde kazyýet protokolyna girizilmegi bilen.

**2.** Wesýetnamanyň imperatoryň kanselýariýasyna tabşyrylmagy bilen.

3. Öňki aýdylyşý ýaly wesýetnamada mirasyň galýan adamynyň adynyň doly we dogry ýazylmagy.

Kesgitlenen adam bolmaly. Ilki ilkiler kesgitlenmedik mirasdüşerler diýilip -miras goýup gidýän adamyň ýaşap ýören wagty dörän, emma heniz dünýä inmedik çagalar hasap edilmändir hem-de ýuridiki taraplar kesgitlenmedik adam hasap edipdir.

Ýöne Ýustinýan döwründe şularda mirasy kabul etmäge rugsat berilýär. Kesgitlenmedik mirasdüşerler diýip, şeýle-de wesýetnamada ýazylan adamyň ölenden soň dünýä inen çagalar, döwlet jenaýatkärleriniň çagalary, ýöne käbir adamlar kesgitlenilmedik mirasdüşerleriň hataryna girmesede miras almaklyk babatda hukugy çäklendirilipdir. Meselem: Awgust döwründe erkek adamlaryň **25-60** ýaş aralygyndakylary, aýal maşgalalaryň **20-50** ýaş aralygyndaky nikada durmadyk hem-de çagasy bolmasa wesýetnama esasynda miras düşýän bolsa-da olaryň hukugy çäklendirilipdir.

Wesýetnama esasynda miras düşýän aýal 20-50 ýaşlarynda äre durmuşa çykmak hukugy çäklendirilsede, ilki mirasy goýup gidýän adam garyndaşlaryna geçip soň ol oňa geçipdir.

Yöne bir şertnama bolupdyr. Egerd-e miras açylan soň 100 gün geçende nikalaşyp bilipdir.

Mirasy goýup gidýän adamlar wesýetnamada ogullarynyň adyny ýazyp gidipdir. Gyzynyň adyny ýazmaýar.

Wesýetnamanyň umumy ýygnakda ýazylýan ekeni. Ogly hökmünde pay goýýar. Eger-de ogullary jenaýat etmese.

## ESASY EDEBIÝATLAR:

I .Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 1992, 2008.

2.Gurbanguly Berdimuhamedow, „Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary", Aşgabat, 2007ý.

3.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaçaterjimehal. Aşgabat, 2007ý.

4„Halkyň ynam bildireni". Aşgabat, 2007ý.

5.Gurbanguly Berdimuhamedow, „Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr". Aşgabat, 2007f.

6„Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy." Aşgabat, 2007ý.

7.Gurbanguly Berdimuhamedow, „Türkmenistan - sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy", Aşgabat, 2007ý.

8.Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007ý.

9.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007ý.
lO.Parahatçylyk, döredijilik, progress syýasatynyň dabaralanmagy". Aşgabat, 2007ý.
I I .Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Umumymilli „Galkynyş" Hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň nobatdan daşary V gurultaýlarynyň bilelikdäki mejlislerinde sözlän sözi.
12. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler I-tom. Aşgabat 2008 ýyl.
13. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler II-tom. Aşgabat 2009 ýyl.
14.Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat., 2001 ý.
B.Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap).Türkmeniň ruhy beýikiligi. Aşgabat.2004 ý.

**Goşmaça yörite:**

l. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanuny.-Aşgabat-1999ý.

2. Türkmenistanyň "Eýeçilik hakyndaky" Kanuny.-Aşgabat-1993ý.

7. Türkmenistanyň konstitutsiýasy. Aşgabat, 2008.

8. Türkmenistanyň zähmet kodeksi. Aşgabat 2009 ýyl.

9. Durmuş üpjünçiligi hakynda Türkmenistanyň bitewi kanuny. Aşgabat 2007 ýyl.

10. И. Пухан., М. Полинак. – Акимовская. Римское право. М.-2000 г.

11. Т.В.Новицкий. Основы римского право.М.-2000 г.

12. В.А.Томсинова. Римское право.М.-2001 г.

13. Римское право. Под ред. В.А.Томсинова. 2000г.

14. Римское частное право. Под ред. Т.В.Новицкого, 2001 г.